# Dogry saýlamak hakynda / tymsal

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025

Dogry saýlamak hakynda / tymsal Bir ýaş ýigdiň ýanyna jadygöý gelipdir-de öňünde iki sany haltany goýupdyr. Haltalaryň biri puldan doly, beýlekisi akyldan püre-pürmüş. Jadygöý:
-Haýsam bolsa birini saýla! Seňki bolar.-diýipdir.
Ýigit ep-esli wagt oýlanyp durupdyr-da, ahyry akyldan doly haltany saýlap alypdyr. Dessine-de ýeriň ýüzünde iň akylly adam bolupdyr. Onsoň biraz wagtdan onuň dünýäde iň akylly adam bolandygyny eşidip onuň ýanyna akylly bolmak isleýänleriň köpüsi üýşüp, oňa sorag beripdirler:
-Eý danalaryň danasy, akyllylaryň akyllysy, sen bize bu dünýäde iň beýik, iň ajaýyp hakykaty aýdyp bersene. Şol aýdan deňsiz-taýsyz hakykatyň bize ýol görkeziji bolar, onsoň biz şol parasadyňdan ugur alyp ýaşamagyň hötdesinden geleris!
Şonda akyldar ýeňsesini gaşap birsalym dymyp durupdyr-da, jogap beripdir:
-Hymm, gardaşlar, pully haltany almaly ekeni!

Terjime eden: Bagabat. Hekaýalar